# «Jaýy welin, çalşaly…» / satiriki hekaýa

Category: Hekaýalar,Kitapcy,Satiriki hekaýalar
написано kitapcy | 24 января, 2025
"Jaýy welin, çalşaly…" / satiriki hekaýa «JAÝY WELIN, ÇALŞALY…»

– Allo, maña Weronika Platonowna gerekdi…
– Men diňleýän, kim bi?
– Bu men, Jorka…
– Haýsy Jorka?
– Baý, eje senem-ä walla. Sen indi öz jigerbendiňem tanaňokmy?!
– Waý, Georgiý! Asyl bu senmi? Nirelere ýitirim bolduň, garagol diýsänim?
– Aý, menem-ä bar özi, eje… Şol iş, iş… Bu gün bir zat, ertir ýene-de bir zat, üçünji gün ýene-de… Garaz, tapylýar-da… Häzirem zordan sypdym… Geçen ýylam saňa birki gezek jaň etdim welin, trubkany galdyran bolmady. Niçik hal-ahwallaryň?
– Aý, meňki hiç-le, hany özüň gürrüň ber.
– Biz soňky gezek haçan gürleşipdik?
– Tomusdy öýdýän… sen şonda institutda bir zad-a gorapdyň. Menem, baý, alada baryny edipdim…
– Hä-ä-ä, dissertasiýa! Wagtyň çalt geçäýşini! Şondan kän wagt geçmänke-de dosent gyza öýlenipdim.
– Gutlaýan…
– Sag bol, eje… Ýöne şo hakda weli maňa ýatlatma… Sebäbi men üç ýyl mundan öň onuň bilen aýrylyşdym…
– O ne beýle?
– Dogrusyny aýtsam, seň üçin, eje. Ol seni ýekeje gezek görmese-de, ýigrenýär.
– Aýdýanyň näme! Çaga-çugaňyz bamy?
– Ýok, diňe bir gyzymyz bar, Sweta… Edil okuwçy döwründäki ýaly, hut özüň-dä. Edil bir almany iki bölen ýaly-da! Häsiýetlerem seňkä meňzeş… Tizden durmuşa-da çykýar.

Haçanlygyny bilemok. Men ony soňky gezek dördünji klasda okaýaka görüpdim. Mekdebe çagyrypdylar…
– Aýdýanyň näme!
– Sen oň üçin hapa bolup oturma… Indem, arada ikinji gezek öýlendim. Öz-ä erbet däl.
– Gutlaýan, çagalaňňyz bamy?
– Sag bol, özem oglan, ullakan ýigit. Ýöne özümden däl-de, aýalymyň öňki ärinden. Barybir, men ony gaty gowy görýän. Ýakyn wagtda goşun gullugyndan geljek. Özem gelinlik getirjek diýip, haýbat atýar.
– O nähili beýle?
– Sen sorama, eje. Bu ýaşlarmy… Ene-atalary bilen maslahat edenoklar, olary adam saýanoklar. «Getirjek» diýýä, gutardy. Nirede ýaşajak, onam pikir edenok. «Obşitde ýaşarys» diýýä. Aýalym ikimiz iki otagly jaýda ýaşaýas. Bary-ýogy 36 metr. Içinde bolsa seredere zat ýok. Ine, özüňem çagyrjak, şonda görersiň. Ol kän bir uzakda-da däl, awtobusly 15 minutlyk ýol. Holodilnik zawodyndan gönüleseňem, pyýada 10 minut. Men näme şol bir özüm hakda ýaňrap otyryn. Özüň hakda gürrüň bersene, eje!
– Garrylykdyr-da.
– Hawa-la, ol-a şeýledir-le. Saglygyň niçik?
– Saglyk nireden bolsun! Öňki kelle däl, öňki el däl, aýaklarym diýenimi edenok. Aý, garaz…
– Hawa-la eje, garrylyga etjek alajyň ýokdur-la. Gowusy, bize göçüp gel…
– Aýdýanyň näme, Georgiý, degişýäňmi?
– Çypbakaý çynym. Bizem seň üç otagly jaýyňa göçüp bararys.
– Ýok, ýok! Men ony edibilmen. Meň saglygymyň ugry ýok…
– Şoň üçinem çalyşmagymyz gerek… Soňky aýalym ikimiz gowy bir zat oýlap tapdyk. Gazy bar, gyzgyn suwy bar, potologam beýik, bäş gat jaýyň dördünji gatynda, özem lift gurup bermäge-de söz berdiler. Poliklinika-da golaýjygynda, dermanhana-da iki ädimlim ýerde… başga näme gerek?
– Ýok, oglum, maňa o ýeri agyr düşer…
– Eje, men saňa ýagşylyk etjek bolýan ahyryn. Eger-de mebelleňňi alada edýän bolsaň, onam aýalym ikimiz çekeris.

Isleseňem, satarys…
– Ýalbarýan, oglum, öz günüme goý… Ejeňi arkaýyn süýnmäge bir goý, azar berme!
– Ýogsa-da azar beresim ýok! Ony alada etme! Ýöne, jaýy welin, çalşaly…

Anatoliý RAS.

Terjime eden: Allaýar ÇÜRIÝEW.

«Литературная газета»-dan. Satiriki hekaýalar